# Ýa Reb ýetiş perýadyma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýa Reb ýetiş perýadyma Hamdy sena sabyt saña,
Ýa reb ýetiş perýadyma.
Rehm eýläbem bu asyña,
Ýa reb ýetiş perýadyma.

Bolun durudy-bişumar,
Hak dostuna set müñ hezar,
Hem äli eshap, çaryýar,
Ýa reb ýetiş perýadyma.

Her çendi betkär bolmuşam,
Aşufta-efgar bolmuşam,
Afwyñdan umyt kylmyşam,
Ýa reb ýetiş perýadyma.

Men bilmedim bähbidimi,
Leýk üzmedim umydymy,
Görset maña maksudymy,
Ýa reb ýetiş perýadyma.

Lutp eýläbäm tutgun golum,
Mende hata sansyz telim,
Özüñ sary başla ýolum,
Ýa reb ýetiş perýadyma.

Bahry keremiñ bagş kyl,
Köñlüme iman nagş kyı,
Hem bu ýamanyñ ýagşy kyl,
Ýa reb ýetiş perýadyma.

Geçdi hebes wagty-feta,
Waý, hasrat-waý hasrata,
Menden hata, Senden ata,
Ýa reb ýetiş perýadyma.

Awtory: Döwletmämmet Azady Goşgular